Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda eziz Watanymyz ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly gadam urup, dünýäniň kuwwatly, durnukly ösýän döwletleriniň birine öwrüldi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň asyrlara barabar gazanan üstünlikleri, halkara derejede gün-günden beýgelýän abraýy, ylmy esasda, innowasion taslamalaryň binýadynda milli ykdysadyýetimiziň barha kuwwatlanmagy, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagy dünýä derejesinde ykrar edilýän mizemez hakykatdyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen we hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň gözel künjekleriniň birinde – Köpetdagyň eteginde sebitde ilkinji «akylly» şäher — Arkadag şäheri kemala geldi. Kanun esasynda döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesine eýe bolan bu täsin şäherde milli binagärligiň iň gowy däpleri, şähergurluşyk hem-de dizaýn boýunça häzirki zaman ýörelgeleri sazlaşykly birleşdirilýär.

Arkadag şäheriniň gurlup ulanmaga berilmegi Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň iň ýokary görkezijisine öwrüldi. Şäheriň gurluşygynda ösen maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ulanylmagy, jemgyýetçilik ulaglarynyň ekologiýa taýdan arassa görnüşleriniň ornaşdyrylmagy, onda ýaşyl zolaklaryň we sanly hyzmatlaryň döredilmegi ilat üçin amatly hem-de abadan durmuşy üpjün edýär.

Gahryman Arkadagymyz bu şäheriň dünýäniň iň owadan, iň gözel, ýaşamak üçin iň amatly şäherleriniň birine öwürmek ugrunda ägirt uly tagallalary edýär. Häzirki wagtda Arkadag şäheri ähli türkmenistanlylaryň buýsanjyna öwrüldi.

Şäheriň ýaşaýyş jaýlary, medeni-durmuş maksatly desgalary, edara binalary iň kämil innowasion çözgütler bilen enjamlaşdyrylandyr. “Akylly öý” tehnologiýasy esasynda gurlan döwrebap ýaşaýyş jaýlary “akylly şäher” konsepsiýasyna esaslanýan Arkadag şäheriniň esasy aýratynlygydyr. Ýaşaýyş jaýlarynda ilatyň durmuş derejesini gowulandyrmak üçin ähli amatlyklar bilen bir hatarda, öýi dolandyrmagyň intellektual ulgamy ýola goýlandyr. Ol Internet tory arkaly öýleriň durmuş üpjünçiliginiň we howpsuzlygynyň ähli ugurlarynyň işini awtomatik we sazlaşykly üpjün edýär.

Arkadag şäheri milli binagärligiň ajaýyp nusgasy bolup, öňdebaryjy dünýä tejribesini we tehniki üstünlikleri özünde jemleýär. Munuň şeýledigine Arkadag şäheriniň halkara derejesinde ykrarnama eýe bolmagy hem şaýatlyk edýär. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şähergurluşyk ulgamynda öňe sürýän asylly başlangyçlarynyň hem-de durmuşa geçirýän oňyn özgertmeleriniň aýdyň

Все права защищены

save pdf date >>> 24.02.2025

netijesidir.

**Rahat GAÝBALYÝEW**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.02.2025